# «Be» harpy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Be» harpy «BE» HARPY



Jyda kylma derunym yşky pür enwerden ýa, Reb,
Tähi etme zybany natygym ezkardan ýa, Reb.
Çykar aýnaýy dilden nagşy jenneti dünýäýi,
Raha kyl hatyrym endişeýi agýardan ýa, Reb.

O feýzi neşah kim berdiň ezl bezminde rindana,
Meni messana kyl, ol sagyry serşardan ýa, Reb.

Geranbary asyýan kim duta kylmyşdyr katdym,
Sebükbar eýle , lutpyňla meni ol bardan ýa, Reb.

Aýyrma haýyry weý ruhy nurdan, hedaýatdan,
Wesimi dur etme zemreýi ebrarydan ýa, Reb.

* * *

Subha dek dur eýledi jana dil-u janym, bu şep,
Dogmadyň nämähribanym, mahy tabanym, bu şep.

Jeýşi gam melek dile kasty beşinhun eýledi,
Boldy hep kem kerde aklym sabr-u samanym, bu şep.

Goýmadyň kuşy kabula, eý, güli hary aşna,
Bilbili şurideweş perýad-u efganam , bu şep.

Howpum oldur, bahýedar bolmaz ýene tä ruzy haşar ,
Çäk-çäk etdim gamyň ile jib-u damanym , bu şep.

Görünen synama şapykdyr , eý, Wesim afakda,
Harmany eflägi ýakdy, ahy suzanym , bu şep.

* * *

Tabyşy meýle ruhuň, gülgül bolsa, ne ajap,
Gülşen husnuňa dili, bilbil bolsa, ne ajap.

Güli şemgy ruhuňy gülşen husn içre görüp,
Nary roşkyňla ýanyp, gülgül bolsa, ne ajap.

Şowk laglyň ile jiger paralary çeşmimden,
Ruýy zert üzre akyp, hal-hal bolsa, ne ajap.
Ýene sahbaýy sereşgin akydyp çün mina ,
Sowudy uşşak şa-ha, gul-gul bolsa, ne ajap.

Sahaýy rezm manyda, alyýy etwarym,
Eý, Wesim esp kylam, Düldül olursa, ne ajap.

* * *

O hal-u haty ruhuňda, däne-ýu dam birdir hep ,
O müjgäni syýahdil , her biri tyg kazadyr hep.

Heder, eý, gülbuny nowhassa ah-u pyganyndan,
Bu bagyň şuglawer bilbilleri ataş nowadyr hep.

Eger hugerde didaryň eý, hüýri lega ýekser ,
Behişde bolsalar azym ýene ru bir gafadyr hep.

Ne ola uftada çahy zanahdanyň bolsalar,
Ser köýüňde juýan aşygan serdir howadyr hep.

Garky lujjaýy yşga , daryga, rehim kylmazlar ,
Bu düri bibahaýan hak budur na aşnadyr hep.

Mesih bolsada mustagany derman bolarlar hem,
Perşi gamda jana hassagan derdi aşnadyr hep.

Dogaýy döwletin eýle Wesime ol şa husnuň,
Jahanda resm-u aýyn suhan senjan senadyr hep.

* * *

Diliň perýady dilberden degil , agýardandyr hep,
Hazaryň nalasy gülden degildir, hardandyr hep.

Egerçe nala döndi jism zarym intizaryňla,
Degil senden şikaýat bagty nahemwardandyr hep.

Ezel bezminde çeşmiň sagyry lebriz noş etmiş,
Bu messana näge ol sagyry serşardandyr hep.

Eder Jebrili-de zynjyr zülpüň bend-u aşufta,
Maňa diwanalaň ol terreýi terrardandyr hep.

Şikaýat kylma mah jur boldukdan wysal dilberden,
Wesime bu jydaýy gerdişi dowwardandyr hep.

---

*Nikap – utanyp ýüzüne perde tutan.*
*Pür enwer – nurdan, röwşenden dos-doly.*
*Zybany natygym ezkar – zikr aýdýan dil.*
*Raha kyl hatyrym – oý-pikirimi azat et.*
*Endişeýi agýar – kesekiniň gaýgysy.*
*Bezmi rindana – ajaýyp meýlis.*
*Messana kylmak – serhoş etmek.*
*Sagyry serşar – püre-pür bulgur.*
*Geranbary asýan – günäden ýüki ýetik.*
*Duta kylmyşdyr katdym – boýum iki bükülmüş.*
*Sebükbar eýlemek – agyr ýükden halas etmek.*
*Lutpyň ile – rehimdarlygyň bilen.*
*Bar – ýük.*
*Hedaýat – dogry ýol görkezmek.*
*Zemreýi ebrarydan dur etmek – mukaddes topardan daşlaşdyrmak.*
*Subha dek – säher çagy kimin.*

*Şep – gije, agşam.*
*Jeýş – goşun.*
*Kuş kabula – tagalla etmäge, yhlas etmäge.*
*Bilbili şurideweş – howsalaly bilbil kimin.*
*Perýad-u efgan – gaýgy-gam bilen aglamak.*
*Bahýedar bolmak – tikilmek, tikmek.*
*Tä ruzy haşar – kyýamat gününe çenli.*
*Jib-u daman – ýakadyr-syý (etek).*
*Şapyk – şepagatçy.*
*Harman eflägi – bütin älem-jahan.*
*Ahy suzan – otly ah çekmek.*
*Tabyş – ýalpyldy, şöhle.*
*Şemgy ruh – şem ýaly ýagty ýüz.*
*Nary roşk – gabanjaňlyk ody.*
*Ruýy zert üzre – ak ýüz üste.*
*Çün mina – bulgur ýaly.*
*Sowudy uşşak – aşyklaryň sesi.*
*Gul-gul – owaz.*
*Rezm – söweş, uruş.*
*Hep – hem.*
*Müjgäni syýahdil – jan-alyjy kirpikler.*
*Tygy kaza – täleý oky.*
*Gülbuny nowhassa – täze açylan gyzyl gül.*
*Nowa – aýdym-saz.*
*Hugerde – baglanan.*
*Hüýri lega ýekser – hüýr-peri ýüzli.*
*Azym – ýola düşen.*
*Gafa – ýeňse, arka.*
*Uftadaýy – ejiz, biçäre.*
*Çahy zanahdan – eňegiň ortasyndaky çukurjyk.*
*Garky lujjaýy yşk – yşgyň çümen, yşga batan.*
*Daryga, rehim kylmazlar – arman, rehim etmezler.*
*Düri bibahaýan – gymmatbahaly dür.*
*Mustagany – mätäç däl, gurply.*
*Perşi gam – gam düşegi.*
*Derdi aşna – tanyş kesel, belli dert.*
*Resim-u aýyn – däp-dessur.*

*Sena – öwgi.*
*Diliň perýady – ýüregiň ahy-nalasy.*
*Dilberden degil – magşukdan däl.*
*Agýar – keseki, ýat.*
*Hazar – bilbil.*
*Har – tiken, ýandak.*
*Bagty nahemwar – bu ýerde: gara bagtymdan diýen manyda.*
*Bend-u aşufta – baglap goýmak.*
*Türre – soňy, ahyry.*
*Terrar – aldawçy, ýalançy; ogry.*
*Jydaýy gerdiş – aýra düşmek.*
*Dowwar – aýlanýan, tegelenýän; bu ýerde: ykbal, täleý manysynda.* Goşgular